**T.Garlyýew**

# MAL LUKMANÇYLYK IŞLERINDE ÄTIÝAÇLYK ÇÄRELERINI BERJAÝ ETMEGIŇ WE MALLARYŇ MASLYKLARYNY PATOLOGO-ANATOMIK AÇMAGYŇ DÜZGÜNLERI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat. Ylym. 2009**

**UOK 619**

**G 21**

**G 21 Garlyýew T.**
**Mal lukmançylygynda ätiýaçlyk çärelerini berjaý etmegiň we mallaryň maslyklaryny patologo-anatomik açmagyň düzgünleri.** (Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy).
– Aşgabat. Ylym. 2009. 40 sah.

Okuw gollanma mallarda, guşlarda we sütükli ýyrtyjy haýwanlarda weterinariýa çäreleri geçirilende olar bilen işlemegiň düzgünleri we maslyklar patologo-antomik açylanda hünärmenleriniň iş howpsyzlygyny üpjün etmäge we geçirilýän çäreleriň hiliniň ýokarlanmagyna ýardam edýän temalar girizildi.

**TDKP №34** **KBK № 48.72**
**© YTÝG-nyň “Ylym” neşirýaty, 2009.**
**© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2009.**



**TÜRKMENISTANYŇ ILKINJI PREZIDENTI**
**BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

***Gaýtalama:***
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

***Gaýtalama:***
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## Giriş

Weterinariýa hyzmatlary sagat we keselli mallaryň bedeniniň kanunalaýyk işjeňligini açyp görkezýän ylymlar toplumyny özünde jemleýär. Onuň öňde goýýan esasy meseleleriniň biri-de haýwanlaryň dürli görnüşlerine mal lukmanynyň borjuny ýerine ýetirmegi, keselli mallar barlanylanda we bejerilende olara şikes ýetmez ýaly, howpsuzlyk çärelerine laýyklykda mallary daňmagyň düzgünlerini berjaý etmek, ýagny mallary dyzlamak, kösseklemek, güýülmek, nogtalamak, kökermek ýaly işleri talabalaýyk amala aşyrmak hem uly ähmiýete eýedir. Sebäbi mallaryň (haýwanlaryň) her bir görnüşiniň maslyklarynyň patologo-anatomik açylyşynyň öz aýratylygy bar. Gollanmada olaryň hersi barada aýratyn gürrüň berilýär, olar barada nähili resminama (dokument) düzülişiniň nusgasy hem ýerleşdirilýär. Olary bilmek hem doly berjaý etmek bolsa, her bir mal lukmany üçin hökmandyr. Şonuň üçin mallaryň kesellerini anyklamak, ýokanç keselli mallar bilen işlemek, mallary daňmak, maslyklary patologo-anatomik açmak we olar barada resminamalary doldurmak häzirki zamanyň mal lukmanynyň, weterinariýa gullugynyň öňünde durýan wajyp wezipeleriniň biri hasaplanylýar.

## Mallarda mal lukmançylyk işlerini geçirmegiň düzgünleri

Mallaryň kesellerine garşy ätiýaçly-göreş çäreleri we keseli anyklamak işleri ýerine ýetirilende, hünärmene, onuň kömekçilerine we mallara şikes ýetmez ýaly ätiýaçly iş şertlerini döretmek mal lukmanynyň borjy bolup durýar. Ol geçiriljek işleriň maksadyna laýyklykda iş meýilnamasyny (işiň geçirilmeli we malyň daňylmaly ýeri, iş enjamlary, olaryň mukdary we başg.) düzmeli. Iş ýerine ýetirilen wagty gapdalda del adam bolmaly däl, töwerek-daşy giňiş we asuda bolmaly. Mallar bilen iş salyşýan her bir mal lukmany ýa-da önümçilik tejribeligini geçýän talyp, mallaryň ýanyna barmagyň düzgünlerini, olary daňmagyň tärlerini gowy bilmeli, özüniň we mala hyzmat edýän adamyň şahsy iş howpsuzlygyny üns merkezine almaly.

Mallaryň ýanyna mylaýym sözler aýdyp, ynamly we dogumly barmaly. Olaryň ýanyna duýdansyz, görünmän barmak maslahat berilmeýär. Sebäbi barýanyňy duýdurmazlyk mallarda gorky we gorag işjeňligini döredýär. Şol hadysalar ýüze çykmaz ýaly, mala mylaýym sözler aýdyp, barýanyňy duýdurmaly we ony sypap köşeşdirmeli.

**Gara mallaryň** boýnunyň çykýan ýerini, aşaky äňiniň aralygyny, **atlaryň** ýalynyň aşagyny, pilçe süňküniň ýerleşýän ýeriniň töweregini we ýanbaşyny sypamaly.

**Doňuzlaryň we itleriň** bedeniniň niresini sypasaň hem ýaraýar, **pişikleriň** iki gulagynyň arasyny we arkasyny sypamak maslahat berilýär.

Dürli keseller barlananda ýa-da mallardan barlag üçin gan alnanda, biçilende hünärmen ykjam geýnen bolmaly, haladyň, aýakgabyň sallanyp duran ýeri bolmaly däl. Hünärmen we onuň kömekçisi egnine halat, kellesine kolpak, aýagyna rezin ädik, eline rezin ellik geýmeli. Mundan başga-da işe başlamazdan öň we soň şahsy hem-de iş enjamlaryň arassalygyny berjaý etmeli. Iş edilip

durka şübheli ýagdaý (ýokanç kesele şübhe dörese) ýüze çykan wagtynda işden soň elini dezinfisirleýji ergin bilen ýuwmaly. Şeýle-de haýwanyň ýanyna barmagyň, ony daňmagyň düzgünlerinden ugur almaly. Esasan hem, perkussiýa (ses eşidiler ýaly) edilende, töwerekde tertip-düzgüni we ümsümligi berjaý etmeli.

Gara mallarda, atlarda lukmançylyk işleri geçirilende, olaryň golaýynda oturmaly däl, sebäbi olaryň (atlaryň sanjy keselinde, gara mallaryň trawmatiki perikarditinde) birden ýatmagy ýa-da ýykylmagy mümkin.

Mallaryň ýanyna duýdansyz barmak we olaryň endamynyň, esasan hem, gasygynyň töweregine, bedeniň çanaklyk bölegine duýdansyz el degirmek maslahat berilmeýär. Sebäbi garaşylmadyk täsir mallary ürküzýär we birahatlandyrýar. Mal erkin we rahat durmadyk ýagdaýynda hünärmene onuň bilen işlemek kyn düşýär. Mal hünärmeniň özüne tarap barýanyny görse özüni erkin alyp barýar, ol bolsa ediljek işiň arkaýyn we gowy hilli ýerine ýetirilmegine ýardam edýär.

Ýerine ýetirilýän işiň netijesiniň nähili edilende gowy boljakdygyny, maly daňmagyň haýsy düzgüninde işiň howpsuz boljakdygyny hünärmeniň özi saýlamaly.

Hünärmene we onuň kömekçilerine işiň howpsuzlygy nukdaýnazardan malyň ýanyna (maldan gan almak, mala sanjym etmek, guzlap bilmeýän sygra, goýna, ite kömek etmek, eşeni gaçmaýan malyň eşenini aýyrmak üçin maly biçmek we başgalar) alkogol içgili ýagdaýda barmak we işi ýerine ýetirmek gadagan edilýär, malyň ýanynda nas, çilim çekmek bolmaýar.

Daýhan birleşiklerinde, fermer hojalyklarynda mal lukmançylyk çäreleri (mallardan gan almak, mugthorlaryň döredýän kesellerine garşy mallary ýuwmak we başg.) ýörite abzallaşdyrylan ýerde geçirmeli. Ol ýer giňiş we arassa bolmaly. Onda bir wagtda 10-15 uly mal, 30-35 dowar ýerleşer ýaly gabawhana – kapasa bolmaly, kapasanyň sütünleri, gapyrgalary we gapylary örän berk berkidilen bolmaly.

Mal lukmanynyň geçirýän çäreleri hususy hojalyk malynda (1-2 malda) alnyp barlanda, maly elektrik togy geçýän sütüne daňmak (iş howpsuzlygy üçin) hiç wagt maslahat berilmeýär. Bejergi geçiriljek maly eýesine berk daňdyrman malda bejergi geçirmek bolmaýar.

## Mallarda mal lukmançylyk çäreleri geçirilende hünärmeniň we malyň howpsuzlygy üçin mallary daňmagyň düzgünleri

**Atlar.** Atlar bilen mal lukmançylyk işleri geçirilende, malyň özüne, hünärmene şikes ýetirmez ýaly we bellenen işi doly ýerine ýetirmek üçin ony oňaýly hem-de amatly daňmak maslahat berilýär. Düzgün boýunça olaryň ýanyna çep tarapyndan mylaýym sözler aýdyp, pilçe we çigin süňkleriniň ýerleşýän ýerine tarap gabatlap barmaly. Sebäbi, atlar oňa (çep tarapdan barylmagyna) iş hadysalary döwründe öwrenişýärler. Kellesine ýakyn baranyňdan soň çep eliň bilen onuň ýalyny sypamaly, soňra sag eliň bilen ýuwaşjadan boýnuny, gerşini sypamaly. Eger mal daňylman dennikde (ýekebara düzgünde) saklanylýan bolsa, onda oňa mylaýym sözler aýdyp barýanyňy duýdurmaly we onuň ünsüni özüňe çekmeli-de, ony özüňe seretdirmeli.

Mallar ýöriteleşdirilen weterinariya çäreleri geçirilýän desgada bolsa, onda onuň seredýän tarapynyň gapdalyndan barmak maslahat berilýär. Köpçülikleýin geçirilýän weterinariýa çäreleri (dürli sanjymlar, gan almak) hünärmeniň howpsuzlygyny goramak we işiň netijeli bolmagy üçin hökmany ýagdaýda talabalaýyk enjamlaşdyrylan – ýöriteleşdirilen (raskol, stanok) jaýlarda geçirmeli.

Mallaryň bedeniniň temperaturasy ölçenende, göni içegeden barlag (malyň bogazlygyna) we beýleki dürli bejeriş çäreleri geçirilende, hünärmeniň we onuň kömekçisiniň iş howpsuzlygyny

goramak maksady bilen malyň öň aýagynyň birini (hünärmeniň işleýän tarapyny) galdyryp, dyzyndan eplemeli ýa-da art aýaklaryny keltejik edip duşamaly.

Atyň öň aýagy galdyryljak bolnanda onuň gapdal tarapyndan barmaly we hünärmeniň arkasy atyň kellesine tarap bolmaly. Soňra atyň aýagyny galdyryp dyzyndan epläp berk ýüp bilen daňmaly. Ýüpüň beýleki ujuny malyň gerşiniň üstünden aşyryp, beýleki tarapda ykjam saklap durmaly. Galdyrylan aýagy daňman el bilen aşagyndan saklamak ýa-da ony dyzyň üstünde goýmak maslahat berilmeýär, sebäbi şeýle edilende malda dördünji daýanç nokady emele gelýär, ol bolsa şol daýanç nokadyny döreden adama howp salýar. Ýüpüň beýleki ujuny (el bilen saklanyp duran tarapyny) bir berk zada ýa-da malyň göwresiniň daşyna oramaly däl, sebäbi at duýdansyz ýykylan ýagdaýynda hiç ýerine şikes ýetirmän, ýüpden çalt boşar ýaly bolmaly.

Atyň göwresiniň yz tarapynda weterinariýa çäreleri geçirilende malyň art aýagyny daňmaly. Atyň ýanbaşynyň gapdalynda ýüzüňi guýruga tarap edip durmaly. Soňra bir eliň bilen tümpüjä (maklok) daýanyp, beýleki eliň bilen malyň aýagyny ýokardan aşaklygyna ýeňillik bilen sypalamaly we ýuwaşlyk bilen art aýagyny galdyryp, oňa ýüpüň halkaly tarapyny geýdirmeli, ýüpüň beýleki ujuny atyň öň aýaklarynyň ortasyndan geçirip, onuň boýnuna orap, çözmek ýeňil bolar ýaly halkaly edip daňmaly. Eger mal bet bolsa, sarç bolsa onda oňa ýörite nogta ulanmaly.

**Gara mallar.** Gara mallarda kesel bejeriş ýa-da anyklaýyş barlag çäreleri geçirilende, olaryň şahy bilen süsmegi, art aýagy bilen öňden, gapdaldan we yzdan gysga aralykdan depip barlag geçirýän hünärmene ýa-da onuň kömekçisine şikes ýetirmegi mümkin. Şonuň üçin barlaga başlamazdan öň malyň şahyndan berk daňmaly we ony nogtalamaly. Uly maly daňman, onuň şahyndan, burnundan kömekçä ýa-da mal eýesine sakladyp iş geçirmek maslahat berilmeýär.

Öküzleri burunlyk halkalaryň kömegi bilen saklap berk kemerler bilen daňmaly.

Tohum oküzlerde häsiýetine (ýuwaşlygyna ýa-da betligine) garamazdan uzynlygy 2 m. golaý bolan burunlyk halka ildirilen ugrukdyryjy taýagy ulanmaly. Ol enjamlar hünärmeni öküziň duýdansyz topulmagyndan ätiýaçlyk üçin gerek.

Gara mallary mundan başga-da dürli görnüşdäki kapasalarda (stanoklarda) daňmak bolýar.

**Göleler.** Ýaş göleleri ýörite nogtalar bilen berk sütüne daňmaly ýa-da ýöriteleşdirilen kapasalaryň içinde berkitmeli.

**Goýunlar we geçiler.** Ownuk şahly malda kesel bejeriş ýa-da kesel anyklaýyş çäreleri geçirlende, ony hökman stolyň üstünde 4 ýa-da 3 aýak edip berk ýüp bilen, soňra çözmesi ýeňil bolar ýaly halka edip güýlmeli. Sanjym işi köpçülikleýin geçirilende, ýöriteleşdirilen germew (raskol) ulanmaly.

**Düýeler.** Düýede ätiýaçlyk weterinariýa çärlerini ýa-da kesel bejeriş işlerini geçirilende örän seresap bolmaly. Onuň duýdansyz ýagdaýda hünärmeni kellesi bilen kakmagy ýa-da art aýagy bilen depmegi mümkin. Şol ýagdaý bolmaz ýaly, ilki ony mal eýesine çökertdirmeli, soňra öň aýagynyň birini dyzyndan eplengi ýagdaýda ýüpüň bir ujy bilen halkaly edip berk daňmaly, ýüpüň beýleki ujuny düýäniň gerşiniň üstünden geçirip, beýleki öň aýagyny hem berk çekdirip daňmaly. Art aýaklaryny hem öň aýagyň daňlyşy ýaly düzgünde daňmaly. Düýäniň kellesine owsar salyp oňaýly tarapa sag ýa-da çep pilçe süňküne tarap çekdirip halkaly edip berk daňmaly. Umuman, düýe bilen iş salşylanda onuň özüni alyp barşyny, häsiýet aýratynlyklaryny ýatdan çykarmaly däl.

**Doňuzlar.** Doňuzlary ýöriteleşdirilen kapasalarda (stanokda) duran ýerinde berk edip kapasanyň diwaryna işlemäge oňaýly bolar ýaly ýagdaýda daňmaly. Jojuklarda köpçülikleýin bejeriş çäreleri geçirilende, olary az topar bilen kiçiräk jaýa ýa-da kapasa gabamaly we jojugy ýeke-ýekeden tutup berk daňmaly, soňra çäräni geçirmeli. Jojugy el bilen tutup (daňman) çäre geçirmek maslahat

berilmeýär. Sebäbi onuň hünärmene şikes ýetirmegi mümkin. Uly erkek ýa-da jojuk emdirýän ene doňuzlar bilen iş salşylanda örän seresap bolmaly. Olary daňman lukmançylyk işlerini geçirmeli däl (tehniki howpsuzlyk nukdaýnazardan).

**Itler.** Itler bilen mal lukmançylyk çäreleri (sanjym, derman bermek, biçmek we beýlekiler) geçirilende, haýwana eýesi berk nogta salyp daňandan soň, çäräni geçirmek maslahat berilýär. Eger itde guduz keseli bardyr diýlip çak edilen ýagdaýynda ýa-da it örän ýaman ýaragan we adama topulýan bolsa, onda ony ýöriteleşdirilen demir kapasa salyp eýesine berk daňdyryp, soňra çäre geçirmeli. Işlemäge oňaýly ýagdaý bolar ýaly kesel bejeriş işini, maýda mallara niýetlenen operasiýa edilýän ýerde geçirmek maslahat berilýär.

**Pişikler.** Pişikde weterinariýa-bejeriş işleri geçirilende, ony eliňe berk matadan tikilen ellik geýip daňmaly ýa-da bedeniň iş geçiriljek ýerinden beýleki böleginiň daşyna süpürgiç (berk mata) oramaly. Pişigiň agzyny berk daňmaly, guýrugyny yzky aýaklary bilen bile daňmaly. Dyrnaklarynyň daşyna süpürgiç oramaly.

**Ýyrtyjy sütükli haýwanlar.** Ýyrtyjy haýwany ýörite gysgyçlar ýa-da eliňe galyň we berk matada tikilen ellik geýip saklamaly. Ony stoluň üstüne goýup, bir eliň bilen boýnundan, beýleki eliň bilen ýanbaşyndan tutmaly. Agzyna ýöriteleşdirilen nogta geýdirmeli. Ýyrtyjy haýwanyň agzyny açmak üçin W.A.Berestowyň ýöriteleşdirilen agyzlygyny ulanmak maslahat berilýär. Bulardan başga-da ýyrtyjy haýwanlary tutmak üçin ýörite niýetlenen torlary peýdalanmak, wagtlaýyn beýhuş ediji serişdeleri ulanmak maslahat berilýär.

**Guşlar.** Guşlarda mal lukmançylyk işleri geçirilende, olary döş kapasasyndan basman, demikmez ýaly iki ganatyndan we aýaklaryndan tutup saklamak maslahat berilýär. Suwda ýüzýän guşlaryň (gazlar, ördekler) kellelerini saklamak maslahat berilýär. Sebäbi olar çüňki bilen iş geçirýän hünärmeniň gözüne urmagy mümkin. Şonuň üçin olary eliňi uzadyp, kelläňden daşrakda saklamaly.

**Ýokanç kesel bilen kessellän mallarda lukmançylyk işleri geçirilende şahsy ätiýaçlygyň düzgünleri**

Ýokanç keseller bilen kesellän mallarda lukmançylyk işi geçirilende, mal lukmanynyň esasy ýerine ýetirmeli işleri:

– ýokanç we mugthorlaryň (parazitar) döredýän keselleriniň ýaýramagyna ýol bermeli däl;

– adamlara we haýwanlara umumy bolan keselleriň sebäplerini (zooantroponozlar), mallar we olardan alynýan önümler arkaly adamlara geçmezligini gazanmaly.

Mal lukmany keselli mallaryň aýratyn saklanýan (izolýator) ýerinde, keselli mallaryň soýulýan ýerinde we tejribehanalarda ýerine ýetirilmeli işleriniň, bitirýän hyzmatlarynyň wajyplygyny hem-de aýratynlyklaryny anyk bilmelidir. Mundan başga-da ol özüniň şahsy ätiýaçlyk (howpsuzlyk) gorag çärelerini bilmelidir we gyşarnyksyz berjaý etmelidir.

Ýokanç keseller bilen kesellän mallarda, maslyklarda we beýleki ýokanç keselli patologik materiallarda iş geçirýän hünärmen hökmany ýagdaýda ýöriteleşdirilen sanitariýa gorag eşikli we aýakgaply bolmaly. Hünärmen sanitariýa gorag geýimlerini diňe ýokanç keseller bilen kesellän mallar bilen işlände geýmeli, soňra olary çykaryp dezinfeksiýa etmeli we aýratyn geýim saklanylýan ýerde saklamaly. Hünärmeniň adaty şahsy geýimleri sanitariýa gorag geýimleri bilen bir ýerde bile saklanylmaly däl. Sanitariýa gorag geýimleriniň saklanylýan ýerinde hünärmeniň gündelik geýýän eşiklerini we iýmit önümlerini saklamak düýbünden gadagan.

Ýokanç keseller bilen kesellän mallar bilen işleýän hünärmenler we olaryň kömekçileri iki jübüt sanitariýa gorag geýimleri bilen üpjün edilmeli. Gorag geýimleri bilen geýnüwli hünärmene iş otagyndan başga otaglara barmak gadagan.

Ýokanç keseller bilen kesellän mallara hyzmat etmek, olary öldürmek, et we süýt önümlerini gaýtadan işlemek, derini

zyýansyzlandyrmak ýaly işlere ýörite şu ugurdan bilimi bolmadyk, ýokanç keselli mallar we olaryň önümleri bilen işlemegiň we şahsy gorag howpsuzlyk çäreleriň düzgünleri öwredilmedik adamlara, şeýle hem ýaş ýetginjeklere, göwreli we çaga emdirýän aýallara işlemäge ygtyýar berilmeli däl.

Haýwanlara we adamlara mahsus bolan keselli (otbaş, brusellýoz we başgalar) mallar bilen işleýän hünärmenler we adamlar her ýylda ýörite medisina barlaglaryndan geçmeli, olara gorag sanjymlary edilmeli. Deri örtügi şikesli hünärmenler ýokanç keselli materiallar bilen işlemäge goýberilmeli däl.

Haýwanlara we adamlara umumy bolan keseller (zooantroponozlar) bilen kesellän mallara kliniki gözegçilik etmek, bejeriş ýa-da akuşer kömegini bermek, maslygy açyp görmek, içden çykdyny we eşeni aýyrmak, maslygyň deri örtügini sypyrmak we tertipleşdirmek, şeýle hem dezinfeksiýa etmek ýaly çäreleri sanitar gorag geýimli, rezin ädikli we rezin ellikli geçirmek maslahat berilýär. Örän howply ýokanç keselli mallaryň patologik materiallary bilen iş geçirilmezinden öň mal lukmany ýanynda işleýän adamlara ýerine ýetiriljek bolýan işiň mazmunyny düşündirmeli we olaryň işe taýýarlygyny (sanitariýa gorag geýimleri, rezin ädik, ellik bilen üpjünçiligini) barlamaly.

Ýokanç keselli patologik materiallar bilen işlenilýän wagty çilim çekmek, eliňi ýüzüňe degirmek, saçyňy düzetmek we işden ünsüňi bölmek maslahat berilmeýär. Esasan hem, bakteriologik, serologik we beýleki barlaglar üçin patologik materiallar (burun boşlugyndan we ak etden suwuklyk alnanda, ýaradan iriň alnanda, gan, tezek we peşew) alnanda, olar ýüzüňe, boýnuňa we haladyňa syçramaz ýaly örän hüşgär hem seresaply bolmaly.

Malda keseliň başlangyç alamatlary äşgär bolup, epizootologiki (anamnez) maglumatlar ýygnalandan soň, umumy we ýörite barlaglar geçirmeli. Malyň gözüniň, agyz we burun boşluklarynyň nemli bardalary barlanylanda hünärmen ätiýaçlyk üçin bir gapdalrakda durmaly. Sebäbi mal pyşgyranda, üsgürende

sülekeýiň we gakylygyň üstüne syçramagy ýa-da düşmegi mümkin. Şonuň üçin atlaryň maňka, öýken we burun maňka görnüşini, gara mallaryň tuberkulýoz keseliniň açyk görnüşini, itleriň we pişikleriň guduz keselini we mallaryň beýleki ýokanç kesselleriniň örän howpludygyny ýatdan çykarmaly däl.

Ýokanç kesellerden ölen mallaryň maslyklaryny ýörite abzallaşdyrylan jaýlarda (otaglarda) açmak maslahat berilýär. Olardan barlag üçin patologiki materiallar alnanda, ähli ätiýaçlyk çärelerini berjaý edip almaly we barlaga ugratmaly. Patologik materiallar we oňa degişli resminamalar weterinariýa-bakteriologiýa barlaghana weterinar feldşerinden ýa-da sanitardan ugratmaly. Käbir aýratyn howply ýokanç kesellerden (otbaş, maňka we başgalar) ölen mallaryň maslyklaryny açmak gadagan.

Ýokanç keseller bilen kesellän mallar barlanylandan soň, barlag üçin ulanylan enjamlary içinde karbol kislotasynyň ýa-da lizolyň 5% ergini bolan aýna banka salmaly. Hapalanan pamyklary, tamponlary we hasalary bir ýerik (ýöriteleşdirilen) üýşürip ýakmaly. Barlag üçin ulanylan metal enjamlary (skalpel, pinset, iňňe, şpris we başgalar) dezinfeksiýa ediji erginde ýuwmaly, soňra düzgün boýunça gaýnatmaly we awtoklawda zyýansyzlandyrmaly. Rezin ellikleri dezinfeksiýa ediji erginde (karbol kislotasynyň ýa-da hloraminiň 2%-li ergini) ýuwmaly we zyýansyzlandyrmaly. Soňra sanitar gorag geýimini we aýakgabyny çykarmaly hem-de elini arassalamaly; sabynly suw bilen ýuwmaly we süpürgiç bilen süpürmeli. Kesel mallaryň duran we saklanylan ýerlerini degişli erginler bilen dezinfeksiýa etmeli.

## Mallaryň (haýwanlaryň) maslyklarynyň patologo-anatomik açylyşy

### Maslygy açyp görmegiň maksady, öňde goýýan wezipesi we maslygyň synalarynyň açylmaly ýeri

Maslygy patologo-anatomik açyp görmeklik – keseli anyklamagyň esasy düzgünleriň biridir. Ýöriteleşdirilen iri maldarçylyk toplumlarynda we hojalyklarynda adaty we adatdan daşarky ýagdaýlarda maslygy açyp görmeklik, gysga wagtyň içinde keseli anyklamakda wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Keseli öz wagtynda dogry anyklamaklyk, oňa garşy degişli epizootiki we ätiýaçlyk bejeriş işlerini hem-de weterinariýanyň talabyna laýyk arassaçylygy berjaý etmegiň (sanitariýa) çärelerini çalt geçirmäge, şeýle hem keseliň ýaýramagynyň we mallaryň ölüminiň öňüni almaga, ykdysady ýitgini azaltmaga ýardam edýär. Maslygy açyp görmeklik, keseli anyklamaklyk bilen baglanyşykly kazyýetçilik (sudebno-weterinariýa) maksatlary üçin hem geçirilýär.

Weterinariýanyň kanunyna laýyklykda maslygy açyp görmeklige mal lukmanlaryna we feldşerlerine ygtyýar berilýär. Keseli anyklamak üçin maslygy açyp görmeklik hojalygyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda ýerine ýetirilýär. Eger maslygy açmaklyk kazyýetçilik bilen baglanyşykly bolsa, onda bu işe hukuk goraýan edaralaryň hünärmenleriniň gatnaşmagy hökmanydyr.

Otbaş (сибирская язва) iýmit zäherlenmesi (ботулизм), goýunlaryň bradzoty, guduz (бешенство), howply çiş (злокачественый отек), atlaryň epizootik limfangoiti (эпизоотический лимфангоит лошадей), goýunlaryň, geçileriň mama (оспа овец, и коз), atlaryň maňka (сап лошадей), gara mallaryň, düýeleriň we doňuzlaryň gyrgyn, goýunlaryň içki zäherlenme (enterotoksemiýa), gara mallaryň garasan kesellerinden ölen ýagdaýlarynda maslyklary açmak maslahat berilmeýär. Şeýle kesellerden ölen mallaryň maslyklaryny ýakmak

arkaly ýa-da ähli ätiýaçlyk gorag çärelerini berjaý etmek bilen, olary Bekkeriň biotermiki çukurynda zyýansyzlandyrmaly. Näbelli sebäplere görä, tarpa-taýyn ölen, keseliň kliniki alamatlary aýyl-saýyl bolmadyk mallaryň maslyklaryny (otbaş keseli diýlip çak edilse) açmazdan öň bakteriologiki taýdan barlamaly. Wiruslaryň döredýän kesellerini anyklamaklyk kliniki barlaglaryň, epizootologik seljermeleriň, açyp görmek we tejribehana barlaglarynyň hemmesiniň toplumynyň netijesinde amala aşyrylmaly. Adamlara we haýwanlara mahsus bolmadyk (zooantroponoz däl) kesellerden ölen mallaryň maslyklaryny weterinariýa-sanitariýa ütül kärhanalarynda gaýtadan işlemeli, biotermiki çukurlarda zyýansyzlandyrmaly hem-de ýöriteleşdirilen ýerde ýakmaly.

Mallaryň maslyklaryny gündiz ýagtylykda, biotermiki çukurlaryň ýanynda (soňra peýdalanylar ýaly) ýöriteleşdirilen meýdançada ýa-da jaýyň içinde açmak maslahat berilýär. Munuň ýaly jaýlaryň poly betonlanan ýa-da kafel bilen örtülen bolmaly. Jaýda maslygyň böleklerini gorar ýaly üsti ýapylýan çukur, zyýansyzlandyrmak üçin (2-3%-li karbol kislotasynyň ýa-da 4%-li formaliniň ergini, hek hlory ýa-da hloramin) ergin hökman bolmaly. Mallaryň maslyklaryny açyp görmeklik institutlaryň weterinariýa fakultetlerinde, (ýokanç däl) barlaghanalarda, kärhanalaryň ýöriteleşdirilen we ähli şertler döredilen otaglarynda geçirmek maksadalaýyk hasaplanylýar. Maldarçylyk toplumlaryň ýa-da fermalaryň mal ýataklarynda maslygy açyp görmeklik (ýokanç keseller ýaýramaz ýaly) düýbünden gadagan edilýär.

Maslygy açyp görmek üçin iş abzallarynyň toplumy (anatomiki enjamlar) hökman bolmaly. Iş wagtynda ätiýaçlyk üçin şahsy arassaçylygyň we iş howpsuzlygynyň düzgünleri gyşaknyksyz berjaý edilmeli. Şol nukdaýnazardan maslygy açýan hünärmen egnine gara reňkli ýeketaý, aýagyna rezin ädik, öňüne polietilen öňlük, eline rezin ellik we kellesine kolpak geýmeli.

Hünärmen işe başlamazyndan öňürti eline wazelin ýa-da ýag, dyrnaklarynyň aşaklaryna eliniň ýygyrtlaryna spirtli ýoduň erginini (nastoýkasyny) çalmaly. Ol maslygy açýan wagty hüşgärligi berjaý etmeli, synalary (agzalary) we olaryň böleklerini zyňmaly däl, gany we beyleki suwuklyklary (bedendäki) syçratmaly däl, maslygyň ýanyna del adam goýbermeli däl. Maslyk açylyp gutarylandan soň elini ilki suw bilen ýuwmaly, karbol kislotasynyň ýa-da formaliniň 2-3%-li ergini bilen zyýansyzlandyrmaly; elligi ýuwmaly, zyýansyzlandyrmaly we talk sepelemeli. Ulanylan abzallary we enjamlary ýyly suw bilen ýuwmaly hem-de kreoliniň ýa-da hloraminiň 3-4%-li ergini bilen zyýansyzlandyrmaly. Maslygy düzgün boýunça utilizasiýa etmeli. Maslyk açylyp gutarylandan soň jaýyň içini ýa-da meýdançany suw bilen ýuwmaly. Soňra natriniň gidrooksiniň ýa-da hlorly hekiň 3-4%-li ergini bilen zyýansyzlandyrmaly.

## Mallaryň maslyklaryny açyp görmegiň düzgünleri

Maslygy açmazdan ozal mal lukmany mal (maslyk) baradaky (anamnez) maglumatlaryň (malda keseliň ýüze çykyşynyň alamatlaryny we ony bejerendäki ýazgylary, mala sereden adamyň aýdanlaryny) hemmesini ýygnamaly. Bu maglumatlar maslyk açylanda synalardaky, agzalardaky üýtgeşmeleriň esasylaryny üns merkezine almaga, keseli kesgitlemäge we onuň ýüze çykmagynyň esasy sebäplerini anyklamaga uly ýardam edýär.

Maslyk gözden geçirilende onuň ýaşyny, reňkini, bedeniniň durkuny, semizligini, bedendäki üýtgeşmelerini, deri örtüginiň we görünýän nemli bardalaryny, limfa mäzlerini, süňkleriň ystyhan myşsalaryny, bogunlaryny synlamaly we olaryň ýagdaýlaryny kesgitlemeli. Soňra döş we garyn boşlugyny açmaly, çykarylan agzalary barlamaly, burun boşlugyny, kelle çanagyny, boýun we bil oňurgalary açmaly, kelle we oňurga beýnisini açmaly we barlamaly.

## Maslygyň daşky görnüşine gözegçilik etmek (synlamak)

Bu barlagy malyň (maslygyň) ýaşyny, görnüşini, jynsyny, reňkini, tohumyny, agramyny we göwresiniň ululygyny kesgitlemekden başlamaly.

Maslygyň ýaşyny, adatça, onuň dişleri boýunça kesgitlemeli. Agramyny çak bilen anyklamaly, zerurlyk çykan ýagdaýynda maslygy terezide çekmeli. Bedeniniň gurluşyny, synalaryň kadaly sazlaşyklylygyny (proporsionallygyny), olaryň dykyzlygy ýa-da gowşaklygy boýunça kesgitlemeli. Eger bedeniň daşky görnüşinde nätakyklyk bar bolsa, (aýagynyň, oňurganyň, şahynyň we başg.) hökman bellemeli. Maslygyň garnynyň ululygyna we keşbine aýratyn üns berilmeli. Adatça, maslygyň semizligine onuň derisi aýrylandan soň, derasty ýagynyň we myşsalaryň ýagdaýyna görä baha bermeli. Eger mal (maslyk) arryk (hor) bolsa, ýag bolmaýar, gapyrgalary, oňurgalary we tümpüçleri (makloklar) çykyp durýar. Mal semiz bolsa derisiniň aşagynda, myşsalaryň aralarynda we böwregiň töwereginde ýag bolýar.

Maslykdaky üýtgeşmeler hasaba alnanda uly gan öýen ýerlerini, onuň gatylygyny, zaýalanan ýerlerini bellemeli.

Deri örtügi barlanylanda tüý, ýüň, sütük we ýelek gatlaklarynyň durkuny, öwüşginini, ýelmeşmesini, tüýüň ýa-da ýüňüň düşen ýerini, olaryň berkligini bellemeli. Bulardan başga-da deri örtüginiň maýyşgaklygyny, bitewiligini, ýaranyň barlygyny ýa-da ýoklugyny hasaba almaly. Şahlaryň we toýnaklaryň durkuny (gatylygyny, ýumşaklygyny) barlamaly. Maslygyň daşky görnüşi barlanylandan soň onuň tebigy deşiklerine (agyz, burun, göz, art bujak, göni içege, ak etine) olaryň açyklygyna ýa-da ýapyklygyna, nemli bardalaryň reňkine, häsiýetine, öwüşginine, bitewiligine şeýle hem çykýan (bar bolsa) suwuklyga (ganly, iriňli we başgalar) üns bermeli we bellemeli. Erkek mallaryň jyns agzasynda, tohum haltasynda bar bolan üýtgeşmeleri ýazmaly.

Maslygyň daş görnüşi gözden geçirilip, degişli bellikler edilenden soň derisini aýryp başlamaly. Onuň üçin maslygy arkan ýatyrmaly we aşaky äňiň burçunyň iç tarapyndan deri örtügini dilmeli. Dilmegi kekirdegiň traheýanyň gapdaly bilen döş süňküniň üsti arkaly ak çyzyk boýunça ýeline, soňra guýrugyň düýbüne çenli dowam etmeli. Dilmegi pürçük haltanyň, ýeliniň we daşky jyns agzalaryň (urga malda) daşyndan aýlap almaly. Öňki we artky aýaklaryndan deri örtügini aýyrmak üçin dilmegi goltugynyň we gasygynyň iç tarapyndan (uzynlygyna dilnen) başlap, injiküsti we aşyklyk (плюсных, пясных) süňklere çenli dowam etmeli. Kelläniň deri örtügi aýrylanda ilki dodagyň gözüň we şahyň daş-töwereginiň deri örtügini tegeläp dilmeli. Gulaklaryny, ketirdewügini we derisi bilen bile kesip aýyrmaly. Soňra boýnuň, döşüň we bedeniň beýleki bölekleriniň deri örtügini yzygiderlilikde aýyrmaly. Guýrugyny 3-nji, 4-nji guýruk oňurgasynyň ýanyndan kesip, onuň deri örtügini aýyrman goýmaly.

Daşky limfa mäzleri (aşaky äň, gasyk we boýun) gözden geçirilende olaryň durky, ululygy, gaty ýa-da ýumşaklygy, ganyň mukdary (kesilende), onuň töweregindäki dokumalaryň ýagdaýyny ýazmaly. Mundan başga-da süýt mäzleriniň ululygyny, reňkini, kesilende çykýan suwuklygyň häsiýetini we emzikleriň ýagdaýyny üns merkezine almaly.

Ystyhanyň myşsalary barlananda olaryň durkuny, reňkini, gatylygyny, myşsalara birleşdiriji dokumalaryň ýagdaýyny bellemeli. Saçuzynyň berkligini we reňkini kesgitlemeli. Süňkleriň ululygyny, berkligini we bitewiligini, süňk ýiliginiň durkuny, reňkini, şeýle hem bogunlaryň ýagdaýyny we bogun suwuklygynyň reňkini, häsiýetini bellemeli.

**Maslygyň içki agzalaryna (synalaryna) syn.** Maslygyň boşluklaryny açmazdan öň ony oňaýly ýerde goýmaly. Uly mallary (iri şahly mal) çep gapdalyna, atlary sag tarapyna, maýda mallary (doňuz, it we beýlekiler) arkan ýatyryp, döş we garyn boşluklaryny açmak maslahat berilýär.

## Gara malyň maslygyny çep tarapyna goýmaly (ýatyrmaly)

Sag tarapky öňki we artky aýagynyň myşsalaryny, birleşdirijilerini, damarlaryny we nerw süýümlerini kesip, aýaklary bedenden aýyrmaly.

Ilki garyn boşlugyny açmaly. Onuň üçin döş süňküniň gylyç görnüşli (мечевидный) ösüntgisinden çatalba sepine (Лонный сращение) çenli (içki agzalara zyýan ýetirmän) uzynlygyna dilmeli, soňra ýene-de gylyç şekilli ösüntgiden keseligine sag gapyrganyň aşak tarapyndan bil oňurgasynyň gapdal ösüntgisine çenli dilmeli. Garyn boşlugyndaky agzalaryň (synalaryň) durkuny, ýerleşişini, suwuklyklaryň mukdaryny, ysyny, reňkini kesgitlemeli.

Döş-garyn perdesiniň, gerwiniň (diafragmanyň) ýerleşişini, garyn boşlugynyň içki diwarynyň örtüginiň, çözün (brižeýkanyň), ýag ýerleriniň (salnikleriň) ýagdaýyny bellemeli.

Döş kapasasyny açmak üçin ilki ýuwaşlyk bilen diafragmany (ýorkany) gapyrgalara birleşýän ýerinden kesip aýyrmaly, soňra döş kapasasynyň sag tarapyndan iň soňky gapyrganyň döş süňküne birleşýän ýerinden birinji gapyrga çenli, ýokardan bolsa döşoňurga birleşýän ýerinden kesip aýyrmaly. Döş boşlugynda ýerleşýän agzalaryň durkuna we ýerleşişine, ondaky bar bolan suwuklyklara, şeýle hem seroz gatlagynyň ýagdaýyna üns bermeli. Ýürek haltasyndaky suwuklygy, onda ýüregiň ýerleşişini we seroz gatlagynyň durkuny barlamak maslahat berilýär.

Boşluklardan synalary çykarmazdan öň gyzylödegiň we kekirdewügiň boýun oňurga süňküniň etlerine birleşýän ýerlerini, soňra göni içegäniň we jyns ýollarynyň otyrýer, ýanbaş, türre süňklerine birleşýän ýerleriniň birleşdirijilerini aýyrmaly. Gyzylödegiň, kekirdewügiň we göni içegäniň uçlaryny (içindäki suwuklyklar çykmaz ýaly) daňmaly.

Içki agzalardan (synalardan) ilki garny çykarmaly. Onuň üçin garnyň we onuň beýleki bölümleriniň daşynyň birleşdirijilerini (saklaýjylaryny, ýaglaryny) seresaplylyk bilen, olara zyýan ýetirmän

we ýarman aýyrmaly. Soňra onikibarmak içegäniň başlanýan ýerinden daňyp, garny dalak bilen bile çykarmaly. Şondan soň içegeleriň hemmesini örän seresap bolup, saklaýjylary (брышейка) we ondaky limfa mäzleri bilen bile çykarmaly. Tötänlikde içege ýyrtylaýsa, şol ýerini derrew iki tarapyndan daňmaly. Ýatgyny, peşew haltany, daşky jyns agzalary birleşdirijilerinden we saklaýjylaryndan aýryp çykarmaly. Bagry onikibarmak içegäniň we garyn asty mäziniň bir bölegi bilen diafragma birleşýän ýerinden aýryp çykarmaly. Böwregi böwreküsti we peşewakar bilen bile almaly.

Agyz boşlugynyň, boýnuň we döş kapasasynyň agzalarynyň (synalarynyň) hemmesini dil bilen bile aýyrmaly. Onuň üçin aşaky äňiň töweregindäki myşsalaryň ählisini iki tarapyndan dilmeli, soňra damagy, kekirdewügi öňe çekip, olary saklaýan dokumalary kesmeli. Öýkeni, kekirdewügiň ikä bölünýän (bifurkasiýa) ýerinden kesip, beýleki agzalardan (synalardan) aýyrmaly. Kelläni birinji boýun-oňurga (атлант) birleşýän ýerinden kesip, aýyrmaly.

## Atyň maslygyny sag gapdala goýmaly (ýatyrmaly)

Soňra çep tarapdaky öň we art aýaklaryny aýyrmaly. Garyn boşlugyny gylyç şekilli kitirdewükden (ak çyzyk boýunça) başlap, gasyga çenli ýetirip, garyn boşlugynyň çep diwaryny kesip aýyrmaly. Boşlukdaky içki synalaryň ýerleşişine, diafragma-ýorka (kada boýunça 7-nji gapyrganyň deňinde bolmaly), suwuklygyň häsiýetine, içegeleriň seroz gatlagyna üns bermeli. Döş boşlugyny gara malyňky ýaly açmaly.

Garyn boşlugynyň agzalaryny (synalaryny) çykarmagy içegelerden başlamaly. Uly aýlaw (ободочный) we köriçegäni sag, kiçi aýlaw içegäni çep tarapa süýşürip goýmaly. Ilki saklaýjydan aýryp inçe içegäni, soňra ýanbaş (подвздошный) içegäni köriçegäniň başlanýan ýerinden kesmeli. Soňra kiçi aýlaw (ободочный) içegäniň iki tarapyny daňyp kesmeli we çykarmaly. Uly aýlaw içegäni oňurgadan birazrak çekip, ony saklaýjyny

kesmeli we köriçege bilen bile çykarmaly. Garynasty mäzine zyýan ýetmez ýaly örän seresap bolmaly. Göni içegäni çanaklyk boşlugynda ýerleşýän synalar bilen, böwregi böwreküsti bilen bile, soňra garny we bagry çykarmaly. Agyz, boýun we döş boşlugynda ýerleşýän synalary gara malyňky ýaly edip çykarmaly. Kelläniň, burnuň we oňurganyň boşluklary açylanda ilki kelläniň deri örtügini we çekge myşsasyny dilmeli. Soňra bir kese, iki gapdal dilik etmeli. Gara mallarda kese diligi ýokarky göz ösüntgileriniň deňinden, atlarda şol ösüntgileriň 1,5-2 sm yzragyndan, doňuzlarda göz ösüntgileriniň 2 sm öňrägininden etmeli. Gapdal kesikleri çekge süňkünden başlap kese-kesigiň gyrasyna çenli dowam etmeli. Soňra kelle çanagynyň berkligi gowşaýar, ony demir abzalyň (çapgyç) kömegi bilen seresap bölüp aýyrmaly. Kelleçanagynyň iç ýüzüne, gaty beýni gatlagyna üns bilen seretmeli, bir azajyk kesip alyp, onuň iç ýüzüni, şeýle hem beýniniň ýarym şaryny we onuň ýumşak gatlagyny barlamaly. Çep eliň başam we orta barmaklary bilen ýa-da skalpeliň kömegi bilen beýniniň maňlaý bölegini we ys alyş düwmesini (луковицу) beýniniň düýbünden bir tarapa süýşürmeli. Göz nerwleriniň kesişýän ýerlerini, gipofiriň aýajyklaryny kesip, beýnini beýni çanagyndan çykarmaly. Kelleçanagynyň düýbüniň iç tarapyna üns berip seretmeli, gaty beýni gatlagynyň gyrasyndan tegeläp kesmeli we jübtek bilen gipofizi çykarmaly.

Kelleden beýni çykarylandan soň burun boşlugyny açmaly. Kelläniň orta çyzygynyň gapdalyndan (0,5-1sm) uzynlygyna kesmeli. Soňra burun araçägini aýryp, burun boşlugyndaky suwuklygy, boşlugyň nemli bardasyny, howa ýollaryny, maňlaý boşlugyny we elek şekilli süňki barlamaly. Gözleri çeňňek şekilli gaýçynyň küti tarapy bilen çykarmaly. Birleşdiriji dokumalaryň gatlagyny, myşsany, göz nerwlerini kesip, göz almasynyň daşyny barlamaly. Soňra ony ortasyndan ikä bölüp, içine syn etmeli.

Eger gerek bolsa, döş we bil oňurga kanalyny hem açmaly. Ilki oňurgany aýaklardan, çanaklyk süňklerinden we gapyrgalardan

aýyrmaly. Soňra ony stoluň üstüne oňaýly goýup, myşsalardan we ýumşak dokumalardan arassalamaly.

Byçgynyň ýa-da çapgyjyň kömegi bilen oňurganyň iki tarapyndan (öň we yz aýlawdan) ösüntgileriň ortasyndan kesmeli we süňk gaýçysy bilen ýokarky ösüntgiden berk ýokary çekip, oňurganyň üstki bölegini aýyrmaly. Açylan kanaldaky oňurga ýiliginiň (beýnisine) daşky görnüşini gözden geçirmeli, soňra ony keseligine kesmeli, gapdal nerw süýümlerini kesip, jübtek bilen oňurga beýnisini gaty gabygy bilen kanaldan çykarmaly we kanaly gözden geçirmeli, bar bolan üýtgeşmeleri bellemeli.

## Maýda mallaryň (goýun, geçi, doňuz, it, pişik we beýlekiler) maslyklaryny arkan ýatyryp açmaly

Ilki öňki we artky aýaklaryny bedene (göwrä) birleşýän ýerinden aýyrmaly. Garyn boşlugyny gara malyňkynyň açylyşy ýaly uzynlygyna bir, keseligine 2 kesik edip açmaly we agzalaryň (synalaryň) daş görnüşini gözden geçirmeli.

Döş kapasasyny gara mallaryňky ýaly edip açmaly we synalardaky bar bolan üýtgeşmeleri bellemeli. Soňra agyz boşlugynyň, boýnuň, döş, garyn we çanaklyk boşluklarynyň agzalarynyň aralarynyň baglanyşyklaryny bozman, hemmesini bile çykarmaly. Çykarylan agzalary yzygiderlilikde gözden geçirip barlamaly.

**Agyz boşlugynyň we boýnuň agzalarynyň gözden geçirilişi.** Ilki dili gözden geçirmeli, onuň durkuny we nemli bardasyny barlamaly, myşsa dokumasyny kesip (süýümleriň şekilini, reňkini) görmeli. Soňra kiçi dili barlamaly, onuň göwrümine, nemli bardasyna, ýüzüniň örtügine we iriň toplumlarynyň barlygyna ýa-da ýoklugyna üns bermeli. Damagy we gyzylödegi kesip, olaryň nemli bardalarynyň ýagdaýyny bellemeli, soňra kekirdewügiň (traheýanyň) we iri bronhlaryň diwarlarynyň nemli bardalarynyň hilini, ondaky suwuklyklaryň

häsiýetini (ganly, köpürjikli, iriňli we başgalar) kesgitlemeli. Galkan şekilli we alkym mäzleri barlamaly.

**Döş kapasasynyň agzalarynyň (synalarynyň) barlanylyşy.** Barlagy ilki öýkenden başlamaly. Onuň durkuny, göwrümini, içki örtügiň (плевра) (reňki, öwüşgini) ýagdaýyny, gan öýen ýeriniň barlygyny, ýoklugyny, düwünlerini, bölekleriniň gurluşynyň şekilini, maýyşgaklygyny (ýumşaklygyny) we howalylygyny kesgitlemeli we bellemeli. Alawlama bar ýerinden alnan bölejik dokumanyň suwda çümýänligini ýa-da agyr ýüzýänligini anyklamaly. Öýkende çiş bolsa, ol suwa çümmeli däl. Agzanyň durkunyň dykyz ýa-da hamyr ýaly bolmagy mümkin. Bronhlardaky we aralyk diwardaky, ortalykdaky (средостение) limfa düwünlere (mäzlerine) seretmeli. Öýkeniň iki bölegini hem uzynlygyna we keseligine kesmeli. Bölekleriň reňkine, olardaky ganyň mukdaryna, alweol haltajyklardaky, bronhalardaky, damarlardaky suwuklyklaryň häsiýetini kesgitlemeli. Çykýan suwuklygyň reňkiniň açyklygy we onda köpürjigiň bolmagy dokumada howanyň we çişiň barlygynyň alamaty. Suwuklyk gan gatyşykly bulanyk bolsa, onda ol alawlamanyň alamaty.

Ýüregi açmaklygy ýürek haltajygyndan başlamaly, ýürekdäki halta (perikardyň) we ondaky suwuklyga hem-de del jisime üns bermeli. Ýüregiň keşbini (formasyny), epikardyň durkuny, ýag kletçatkasyny we gan öýmeleriň barlygyny ýa-da ýoklugyny kesgitlemeli. Soňra ýüregiň hemme boşluklaryna, endokarda, miokarda we klapanlara seretmäge mümkinçilik bolar ýaly ýagdaýda skalpel bilen iki kesik etmeli. Birinji kesik sag garynjykdan we sag gulajykdan (предсердие), beýleki çep garynjykdan we çep gulajykdan (предсердие) geçmeli. Boşluklardaky ganyň mukdaryny, onuň doňujylygyny, reňkini, içki gatlagyň (endokardyň) we klapanlaryň ýagdaýyny, garynjyklaryň diwarlarynyň galyňlygyny, durkuny we miokardyň reňkini (çal, ala-mula) süýümleriň şekilini kesgitlemeli.

**Garyn boşlugynyň agzalarynyň (synalarynyň) barlanylyşy.** Barlagy dalakdan başlamaly. Onuň ululygyny

(gyralarynyň ýitiligini ýa-da kütekligini), durkuny (dykyz, ýumşak), daşynyň reňkini, kesilende içiniň reňkini, pulpanyň, follikulalaryň, trabekulyň (kada boýunça ak nokat-nokat ýa-da çyzyk) ýagdaýyny kesgitlemeli. Ölen dokumalaryň, infarktyň we gan öýmeleriň barlygyny ýa-da ýoklugyny anyklamaly.

**Bagyr** barlanylanda onuň ululygyny, gyralarynyň ýitiligini, kütekligini, durkuny (dykyz, gaty), reňkini (mele, sary), ýüzüniň görnüşini (tekiz, düwür-düwür, düwün-düwün) kesgitlemeli. Bagryň girelgesindäki wenany, arteriýany, öt akaralaryny we derweze (ďîđňŕë) limfa düwünlerini barlamaly. Bagryň her bir bölegini keseligine kesmeli we onuň ilki durkuny, ganyň mukdaryny, reňkini, bölekleriň şekiliniň gurluşyny bellemeli. Soňra öt haltany we öt akarlary açmaly. Ödüň durkuny, reňkini, ondaky del maddalary, durulygyny we nemli bardanyň ýagdaýyny kesgitlemeli.

**Garynasty mäz barlanylanda** onuň durkuny, görnüşini, keşbini, ululygyny, reňkini, dokumanyň şekilini we ganyň mukdaryny anyklamaly.

**Böwreküsti barlanylanda** esasy onuň ululygyna, keşbine, durkuna üns bermeli. Kese-kesik edip, gyraky we merkezi gatlagyň galyňlygyny, reňkini (kada boýunça gyraky gatlak sary, merkezi-mele bolmaly) bellemeli. Böwrek barlanylanda onuň ululygyna, keşbine, durkuna, daşky örtüginiň (kapsulanyň) reňkine we ýagdaýyna syn etmeli. Böwregi we onuň örtügini iç tarapyndan kesmeli. Soňra örtügi gysgyç bilen tutup aýyrmaly. Örtügiň böwrekden (kyn ýa-da ýeňil) aýrylyşyny üns merkezine almaly. Böwregiň gatlaklarynyň araçäklerini, reňkini, durkuny, ganyň mukdaryny, gan öýmeleri, dokumanyň şekilini, legenleriň göwrümini, ondaky suwuklygy we nemli bardanyň ýagdaýyny ýazmaly.

**Peşew haltasy barlanylanda** ilki onuň daşyny gözden geçirmeli we çal gatlagynyň durkuny görmeli. Soňra içini açyp peşewiň mukdaryna, durulygyna, reňkine üns bermeli, haltanyň diwarynyň galyňlygyny we nemli bardasyny barlamaly.

**Gäwiş gaýtarýan mallaryň garny barlanylanda** ilki bilen kyrk gasanak bilen tor garnyň, kyrk gasanak bilen uly garnyň we çopansöýeriň biri-birine birleşýän ýerlerini kesmeli. Çopansöýer bilen kiçi garynlary göni ýagdaýda goýup, diwaryny kesmeli. Çopansöýeriň diwaryny kiçi aýlawdan, kyrk gasanagy uly aýlawdan, tor garny daşky aýlawdan kesmeli we gyzylödege zyýan ýetirmeli däl. Soňra gyzylödegi gutarýan ýerinden uzynlygyna, uly garny bolsa ýokarky we aşaky aýlawyndan kesmeli. Garnyň hemme bölekleriniň içindäki iýmit maddalarynyň mukdaryny, häsiýetini, reňkini, ysyny we nemli bardasynyň durkuny kesgitlemeli. **Atlaryň, doňuzlaryň we itleriň** garynlary kiçi aýlawdan açylmaly (kesilmeli).

**Içegeleri barlamaklygy** hor içegeden başlap göni içegede gutarmaly. Içegäniň içini açmazdan (kesmezden) öň onuň saklaýjysyny (içege tutgyjy) aýyrmaly, içegäniň diwaryny içege gaýçysy bilen kesmeli. Her bir içegedäki iýmit maddalarynyň mukdaryny, häsiýetini (reňki, durky, ysy, sülekeýi), nemli bardanyň ýagdaýyny (reňki, gasynlary, ganöýme, ýara we ş.m.), limfa mäzjagazlaryny we limfa meňzeş follikullalaryny (kadada kän bildirenok, kadadan üýtgände çişýär we ulalýar) barlamaly.

**Jynsy synalar barlanylanda** (urga malda) ak etine, ýumurtgalyga, ýumurtga ýoluna we ýatga üns bermeli. Çal we nemli gatlaklaryň durkuna, ýatgynyň içine, karunkulalaryň, düwünçegiň we gatlaklaryň ýagdaýyna, şeýle hem ýumurtgalygyň reňkine, keşbine, ululygyna, daşky we içki (kesilende) durkuna, sary bedenjikleriň sanyna hem-de beýlekilere üns bermeli we bellemeli. Erkek malyň jyns synasyny, peşew ýoluny we tohumlygyny barlamaly.

**Kelle beýnisini (ýiligi)** ilki daşyndan barlamaly, soňra ony uzynlygyna kesip, iki bölege bölmeli. Gapdal garynjyklaryny açyp (damar toplumlarynyň ýagdaýyny we beýlekileri) süýri beýniniň, beýnijigiň, ammon şahlarynyň, ala bedenjigiň we epifiziň durkuny kesgitlemeli.

**Oňurga (beýnisi)** ýiligini gaty beýni gatlagy aýrylandan soň kese-kesip barlamaly. Çal we ak maddanyň araçäginiň anyklygyny, reňkini, durkuny, ganyň mukdaryny we oňurgara düwünleriniň ýagdaýyny bellemeli.

**Guşlaryň maslyklaryny** açmagy hem süýdemdirijileriňki ýaly tertipde geçirmeli. Ilki guşuň görnüşini, jynsyny, ýaşyny, ýeleginiň we deri örtüginiň ýagdaýyny, semizligini, maslykda deri keselini döredij i mugthorlaryň barlygyny ýa-da ýoklugyny we maslykdaky üýtgeşmeleri kesgitlemeli. Mundan başga-da maslygyň kekejiniň, gözüniň, burnunyň, süňküniň we art bujak deşiginiň durkuny bellemeli.

Maslygyň boşluklaryny açmazdan öň onuň boýnunyň, döşüniň we garnynyň ýeleklerini aýyrmaly, soňra deri örtügini suw bilen öllemeli. Maslygy arkan ýatyryp (goýup), iňňebagjyk ýa-da kiçijik çüý bilen ony tagta berkitmeli. Garyn boşlugynyň diwaryny döş süňküniň gutaran ýerinden başlap art bujak deşigine çenli uzynlygyna, soňra döş süňküniň gutaran ýerinden saga we çepe gapyrgalaryň aşagyna çenli kesip, garyn boşlugyny açmaly. Döş süňküniň (kil) iki gapdalyndan (каракоидный и ключицы) ýaýjyk süňkleri kesip aýyrmaly.

**Garyn-döş boşluklary barlanylanda** howa haltasynyň we çal gatlagynyň ýagdaýyna we boşlukdaky agzalaryň (synalaryň) ýerleşişine üns bermeli. Soňra garny, içegeleri, böwregi, böwreküstüni, ýumurtgalygy, ýumurtga ýoluny we tohumlygy yzygiderlilikde çykarmaly. Öýkeni gapyrga plewrasyna birleşýän ýerinden kesip, ýürek bilen bile çykarmaly. Agyz boşlugyndaky synalary, bokurdagy, petekäni (зоб), gyzylödegi we kekirdegi duran ýerinde maslykdan çykarman barlamaly.

Synalardaky üýtgeşmeleriň ýazgysy süýdemdirijileriňkiniň ýazgysynyň ýerine ýetirilişi ýaly bolmaly, ýöne guşlaryň bedeniniň gurluşynyň anatomiki aýratynlyklaryny hasaba almagy ýatdan çykarmaly däl. Maslygy açyp görmegiň beýanynyň ýazylyşy.

**Maslyk açylyp edilen işleriň hemmesi beýan görnüşinde ýazga geçirilmeli we resmileşdirilmeli. Maslygy açyp görmegiň beýany üç bölümden: giriş, ýazgy we jemleýji bölümde durmaly.**

Beýanyň giriş bölüminde maslygyň görnüşi, jynsy, ýaşy, tohumy, reňki, lakamy ýa-da belgisi, agramy, maslygyň nirä we kime degişlidigi, haçan, nirede we kimleriň gatnaşmagynda maslygyň açylanlygy ýazylmaly. Soňra anamnez maglumatlary (malyň nähili saklananlygy, iýmitlendirilendigi, keseliň alamatlarynyň ýüze çykyşy, bejeriş düzgünleri we ş.m.) bellenilmeli.

Beýanyň ýazgy bölüminde maslygyň daşky alamatlarynda, bedende, synalarda we agzalarda dokumalarda ýüze çykarylan üýtgeşmeler anyk, düşnükli, adalatly we dogry ýazylmaly.

Beýanyň jemleýji bölüminde keseliň patologo-anatomik anyklanylyşyny esaslandyrmaly (patologiki hadysany kesgitlemeli) we malyň ölüminiň sebäbini esaslar bilen jemläp ýazmaly. Eger gerek bolsa oňa tejribehananyň barlaglarynyň netijesini goşmaly.

Maslygy açyp görmegiň beýany mal doktarynyň (lukmanyň) ýörite resmi kagyzy (dokument), oňa mal lukmany we mal feldşeri gol çekmeli. Ol weterinariýa gullugynyň mallaryň maslygyny açyp görmegiň beýany diýen ýörite dergisinde – bölüminde (žurnalda) saklanylmaly. Beýandan başga-da maly hojalygyň hasabyndan çykarar ýaly kabul edilen düzgün boýunça akt (güwanama) düzmeli. Akty topar bolup düzmeli, toparyň düzümine hojalygyň ýolbaşçysy we mal lukmany girmeli.

Aktyň esasy bölegini mal doktary (weterinar) ýazmaly, sebäbi aktyň dogry we hakykatlygyna onuň özi jogap bermeli.

## Malyň maslygyny açyp görmegiň beýany

### I.Umumy maglumatlar

Malyň (maslygyň) görnüşi____________________________

Malyň (maslygynyň) eýesi we onuň salgysy_____________
_____________________________________________

Malyň (maslygyň) ölmezinden öňki ýagdaýy barada maglumatlar (keseliň kliniki alamatlary,
geçirilen bejergiler)_________________________________
_____________________________________________

Malyň (maslygyň) keseline ölmezinden öňki goýlan kliniki anyklama (diagnoz)_________________________________

Malyň (maslygyň) ölen wagty_________________________
_____________________________________________
Malyň (maslygyň) açylan ýeri we senesi________________
_____________________________________________
Maly (maslygy) kesip gören hünärmenler_______________

### II.Daşky barlag

1. Malyň (maslygyň) görnüşi, jynsy, tohumy, reňki, ýaşy we aýratyn bellikleri___________________________________
_____________________________________________

2. Maslykdaky üýtgeşmeler___________________________
_____________________________________________
_____________________________________________

3.Gözleri________________________________________
________________________________________
________________________________________
________________________________________

4. Agyz boşlugy________________________________
________________________________________
________________________________________

5.Burny________________________________________
________________________________________

6. Tebigy deşikleri______________________________
________________________________________

7. Ýüňi, tüýi, deri örtügi we deri asty kletçatkasy_________
________________________________________
________________________________________
________________________________________

8. Eti, ýelni we limfa mäzleri ______________________
________________________________________
________________________________________
________________________________________
________________________________________

## III.Içki barlag

9. Garyn boşlugy________________________________
________________________________________
________________________________________
________________________________________

10. Garyn boşlugyndaky agzalaryň ýerleşişi___________
________________________________________
________________________________________

11. Garyn eti, çöz we iç ýagy___________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
12. Bokurdak we gyzylödek___________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
13. Garyn___________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
14. Inçe içegeler______________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
15.Ýogyn içegeler____________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
16. Bagyr____________________________________________
_____________________________________________________
17. Garynasty mäzi____________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
18. Dalak____________________________________________
_____________________________________________________
_____________________________________________________
19. Böwrekler, böwreküsti we peşew akar_______________
_____________________________________________________
_____________________________________________________

20. Peşew halta we peşew geçiriji kanal________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

21. Jyns agzalary we ýelin___________________________

________________________________________________

________________________________________________

22. Döş boşlugy___________________________________

________________________________________________

________________________________________________

23. Plewra, aralyk diwary we gerwi____________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

24. Öýken________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

25. Damak, traheýa (kekirdek) we bronhlar______________

________________________________________________

26. Ýürek torbasy__________________________________

________________________________________________

27. Ýürek________________________________________

________________________________________________

28. Aorta we beýleki gan damarlar____________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

29.Gan ________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

30. Kelle beýnisi we onuň gabyklary___________________

________________________________________________

________________________________________________

31. Oňurga ýiligi we onuň gabyklary___________________
___________________________________________________
___________________________________________________

32. Goşmaça________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________

Patologo- anatomiki anyklama (diagnoz)________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________

Patologo-gistologik we bakterioskopik barlaglar___________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________

Netije______________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________

**Maslygy açan mal lukmany**nyň goly ______________________
___________________________________________________

**Maslygy açmaga gatnaşanlar** ______________________
___________________________________________________
___________________________________________________
___________________________________________________

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasy. Türkmenistanyň XIV Halk Maslahatynyň resminamalarynyň ýygyndysy, A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2003 ý.

2. "Türkmenistanyň weterinariýa işi hakyndaky kanuny". "Нейтральный Туркменистан" gazeti. 17.07.1996 ã.

3. T.Garlyýew. Patologiki anatomiýa dersi boýunça mallaryň (haýwanlaryň) maslyklaryny açyp görmegiň beýanyny ýerine ýetirmek üçin usuly iş gollanmasy. Aşgabat, 2005 ý.

4. Weterinar wraçynyň (mal lukmanynyň) gysgaça soragnamasy. M. "Агропромиздат" 1990

5. Nalýotow N.A. Oba hojalyk mallarynyň patologik-anatomiýasy. M. Kolos, 1973 г.

Domin M.A., Kokurewiç R.I. Patologik-anatomiýa dersi boýunça praktikum (iş tejribesi) we maslyklaryň açylyşy. M. Kolos, 1975

## MAZMUNY

**Giriş**....................................................................7

Mallarda mal lukmançylyk işlerini geçirmegiň düzgünleri..............8

Mallarda mal lukmançylyk çäreleri geçirilende hünärmeniň we malyň howpsuzlygy üçin mallary daňmagyň düzgünleri.................10

Ýokanç kesel bilen kesellän mallarda lukmançylyk işleri geçirlende şahsy ätiýaçlygyň düzgünleri.........................................14

Mallaryň (haýwanlaryň) maslyklarynyň patologo-anatomik açylyşy.........................................................17

Mallaryň maslyklaryny açyp görmegiň düzgünleri.........................19

Malyň maslygyny açyp görmegiň beýany.......................................20

Edebiýatlar..........................................................................36

**T.Garlyýew**

# MAL LUKMANÇYLYK IŞLERINDE ÄTIÝAÇLYK ÇÄRELERINI BERJAÝ ETMEGIŇ WE MALLARYŇ MASLYKLARYNY PATOLOGO-ANATOMIK AÇMAGYŇ DÜZGÜNLERI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*


Redaktory **H.Nurmyradow**
Operator **M.Klyçew**

Ýygnamaga berildi 25.09.2008 ý. Çap etmäge rugsat edildi 04.02.2009 ý.
Ölçegi 60×84 $^{1}/_{16}$. Şertli çap listi 2,09.
Hasap-neşir listi 1,782. Neşir №-3. Sany 100.

“Garant PM” HJ,
Aşgabat ş., Demirçiler (Metallistow) köç. 5
lis.: 20 05/07/2006-2009

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň «Ylym» neşirýaty.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köçesi, 15.